Hezreti Magtymguly atamyz dini ylymlary çuňňur öwrenmek üçin Owganystana, Hindistana, Özbegistana, Hywa, Buhara we başga–da birnäçe ýurtlara gidip köp ylymlar alýar.

Hakdan içen Aryf  Magtymguly atamyz keramatly Pir bolup şerigat hem tarykat ylmyndan uly paý alyp özüniň ýiti eserlerini halklara ýaýyp Gündogar edebiýatynyň göwher gaşy bolup ýalkym saçýar. Özüniň syrly setirleri bilen Gündogary öwreniji alymlaryň, halklaryň ünsüni özüne çekmegi başarypdyr. Halklaryň kalbynda uly orna eýe bolupdyr. Magtymguly Pyragy hemme ylymlardan paýly bolşy ýaly şygyr düzmek ylmynada örän ezber bolupdyr. Ähli hikmetli gepleri we Aýat, Hadyslaryň manylaryny öz ene dilimiz türkmen dilinde şygyra geçirip, şygyryň üsti bilen halka ýetiripdir.

Kelamda gördügüm sözlär tillerim,
Bu sözümde bardyr Hadys hem Aýat,
Magtymgulynyň aýtgany Hak Mustafanyň diýgeni,
Bir zerre ýokdur ýalany

diýen setirlerine ser salsak, hakykatdan hem akyldar Pyragy Aýat, Hadyslaryň manylaryny öz ene dilimiz türkmen dilinde şygyra geçirip, şygyryň üsti bilen halklara ýetirendigine güwä bolýar.

“Şirin gazal donun biçdim ýaranlar” diýip aýdyşy ýaly şirin gazal donun biçen akyldardyr. Şygyrýet äleminiň ussadydyr. Hezreti Magtymguly atamyzyň düzen eserleri tükeniksiz kändir. Halklaryň arasynda dana Pyragynyň köp golýazma kitaplary Etrek derýasynyň siline gidip ýitipdir. Halklaryň arasynda eger – de Magtymgulynyň hemme ýazan kitaplary bize gowuşan bolsa onda bir düýä ýük bolmaly diýen ýörgünli gürrüňem bar. Akyldar Pyragy goşgularyny sile aldyranlygyny käbir goşgy setirlerinde beýan edýär.

Gaýgy – gamda eziz ömrüm solduryp,
Şum pelek azabym reýgan eýledi.
Ýazan kitaplarym sile aldyryp,
Gözlerim yzynda girýan eýledi.

Şum pelek bi rehim maňa bildirdi,
Aglamakdan gül ýüzlerim soldurdy,
Golýazma kitabym sile aldyrdy,
Duşmanymy Jeýhun derýa eýledi.

Magtymguly Pyragy Aryf bolan atanyň elinde ulalyp, Yslam mekdebinde terbiýelenip, Sopyçylyk ýolunda kemala ýetýär. Gysgaça aýdylanda Magtymguly atamyz Alymy we Weli

Все права защищены

bolup beýik Biribaryň yşgyna düşen aşyk bendedir.

Pyragy Hezreti Magtymguly atamyzyň lakamydyr. **Pyrag** – diýmek, aýralyk, aýra düşmek, jyda düşmek diýmekdir. Akyldar Pyragy Käbesi bolan enesinden, Kyblasy bolan atasyndan, ýan–ýoldaşyndan, göz guwnjy bolan perzentlerinden aýra düşüp aýralyk hasratyna ulaşan soň özüne Pyagy lakamyny goýýar. Akyldar özüniň mübärek setirinde:

Magtymguly adyň döndi pyraga,
Pyrag bolup çek özüňni gyraga,
Gan edipdir pelek bagrym pyrakda,
Näler çekdim derdi pyrag.

diýmek, bilen özüniň gaýgy hasrata ulaşandygyny, aýralyk oduna tutaşandygyny, nygtap geçýär.

**Şyhberdi Şyhberdiýew**
**S.A.Nyýazow adyndaky**
**Türkmen oba hojalyk**
**uniwersitetiniň mugallymy**

Все права защищены